BIRLEŞEN MILLETLER GURAMASYNYŇ ÖSÜŞ MAKSATNAMASY

**TASLAMA RESMINAMASY**

***[Türkmenistan]***

Empowered lives.
Resilient nations.

**Taslamanyň ady:** Türkmenistanyň söwda kuwwatyny güýçlendirmek
**Taslamanyň belgisi:**
**Ýerine ýetiriji hyzmatdaş:** Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi
**Başlanýan senesi:** 01.05.2019 ý. **Tamamlanýan senesi:** 30.04.2021 ý.


**Gysgaça beýany**

Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasy bilen Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrliginiň arasyndaky şu taslamanyň maksady milli işgärleriň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak üçin adam maýasyny ösdürmek we adamyň zehinini ykdysady ösüşiň we milli bäsdeşlige ukyplylygyň esasy faktoryna öwürmek, eksporty diwersifisirlemek we onuň düzüminde goşulan gymmaty ýokary bolan önümleriň paýyny artdyrmak, ýurduň ykdysadyýetinde importyň paýyny azaltmak arkaly ýurduň söwda kuwwatyny güýçlendirmek bolup durýar.

Şunuň bilen baglylykda taslamanyň şu üç bölegi kesgitlenildi: 1) söwdanyň institusional we işgärler kuwwatyny pugtalandyrmak; 2) söwda syýasatynyň çärelerini işläp taýýarlamak we durmuşa geçirmek boýunça kuwwatyny artdyrmak; hem-de 3) ylmy-amaly barlaglaryň kuwwatyny güýçlendirmek we bilimiň hilini ýokarlandyrmak.


Türkmenistan bilen Birleşen Milletler Guramasynyň arasynda 2016-2020-nji ýyllar üçin Hyzmatdaşlygyň Çarçuwaly Maksatnamasynyň **7-nji Netijesi**: Ykdysadyýeti durnukly diwersifisirlemek ýoly bilen inklýuziw iş bilen üpjünçilige ýardam edýän strategiýa bar we kadalar ýönekeýleşdirildi.

**Aralyk netije**: Inklýuziw we durnukly ösüş we ýokarlanyş, ol üpjünçiligi pes we ynjyk gatlaklar üçin iş ýerlerini we ýaşamak üçin serişdeleri üpjün etmek mümkinçiligini döredýän önümçilik kuwwatyny öz içine alýar.

Gender ölçegi 1

| | |
|---|---|
| **Taslamanyň Umumy Bahasy** | 468 175 amerikan dollary |
| **Türkmenistanyň Hökümeti** | 444 175 amerikan dollary |
| **Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasy** | 24 000 amerikan dollary |

Ylalaşyldy (gollar):

| **Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi** | **Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasy** |
|---|---|
| Amandurdy Işanow,<br>Ministr | Natia Natswlişwili<br>Hemişelik wekiliň w.ýe.ýe. |
| Sene: | Sene: |

## I. ÝAGDAÝYŇ BEÝANY

Soňky ýyllarda Türkmenistanyň ykdysadyýetinde ýurduň söwda kuwwatynyň pugtalanmagyna oňyn täsir edýän köp sanly özgerişler bellenildi. Hususan-da, içerki bazarda üstünlikli bäsleşýän we öz önümlerini daşary ýurtlara iberýän depginli ösýän kompaniýalar emele geldi. Türkmenistanyň çäginde birnäçe maýa goýum taslamalary durmuşa geçirildi, şolaryň netijesinde täze iş ýerleri döredildi. Ýurduň ykdysadyýetiniň aýry-aýry pudaklary, mysal üçin, gurluşyk pudagy gowy netijeleri gazandy. Dokma we himiýa senagaty ýaly beýleki birnäçe pudaklar ösüş kuwwatyny görkezýärler. Ykdysadyýeti dolandyrmagyň diňe bir döwlet kärhanalaryna däl, eýsem hususy kärhanalara esaslanýan ulgamy emele getirilýär.

Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdy 2019-2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyna laýyklykda, ýakyn ýyllarda ýurduň ykdysadyýetiniň bäsdeşlige ukyplylygyny pugtalandyrmagyň esasy ileri tutulýan ugurlary importyň ornuny tutýan önümleri öndürmek we eksporty diwersifisirlemek bolmalydyr. Şeýle hem ýurtda ykdysadyýeti diwersifisirlemäge ýardam edýän iki esasy döwlet maksatnamalary hereket edýär: 1) importyň ornuny tutýan harytlary öndürmek boýunça maksatnama we 2) eksporta niýetlenen önümleriň öndürilýän möçberlerini artdyrmak boýunça maksatnama. Şol bir wagtda goýlan maksatlary üstünlikli durmuşa geçirmegiň ýolunda birnäçe ulgamlaýyn wehimler bardyr, olar dünýädäki meýillerden hem-de ýurduň söwda kuwwatynyň ösüşindäki içerki päsgelçiliklerden ybaratdyr.

Häzirki zaman ykdysadyýetiniň bäsdeşlige ukyplylygynyň derejesi köp babatda hünärli işgärleriň hili bilen kesgitlenýär. Ykdysady ösüş faktorlarynyň arasynda birinji orna adam maýasy çykýar. Bu ýagdaý Türkmenistan üçin adam maýasyny ösdürmekde şu günki günde bar bolan ýaramaz meýilleriň ýeňlip geçilmegini aňladýar, şeýle meýilleriň arasynda şulary görkezip bolar: (1) hünärmenleri taýýarlamagyň we işgärleri gaýtadan taýýarlamagyň ýeterlik ýokary bolmadyk derejesi, bazaryň talap edýän hünärleriniň ýetmezçilik etmegi, bazaryň zerurlyklary bilen ýokary okuw mekdepleriniň işiniň arasynda gaýtarymly aragatnaşygyň ýeterlik bolmazlygy; (2) bazarlary seljermek, marketing, häzirki zaman söwdasy, maglumat tehnologiýalary, ykdysadyýetiň aýry-aýry pudaklaryny ösdürmegiň innowasion ugurlary babatynda ylmy we amaly barlaglary geçirmek endikleriniň ýetmezçiligi.

Ýewropanyň we Aziýanyň bazarlary bilen barha ýokarlanýan bäsleşik bilen bagly, hünärli işgärler babatynda emele gelen ýaramaz meýilleriň saklanyp galmagy ýurduň ykdysadyýetiniň importa (öňi bilen hem goşulan gymmaty ýokary bolan maşynlar we enjamlar ýaly önümleriň getirilmegine) baglylygyny peseltmek wezipesini çözmegi düýpli kynlaşdyrmaga ukyplydyr, sebäbi importyň ornuny tutýan netijeli önümçilik diňe bir tehnologiýalaryň satyn alynmagyny däl, eýsem geljekde olaryň kämilleşdirilmegini hem göz öňünde tutýar. Degişlilikde, Türkmenistanyň ýolbaşçylygy tarapyndan goýlan importyň ornuny tutýan önümleri öndürmek wezipesi, birinji nobatda, hünärli milli işgärleri taýýarlamak maksady bilen, adam maýasyna maýa goýmak arkaly çözülmelidir.

Proteksionizmiň güýçlenýän we haryt ýerlenilýän bazarlar üçin halkara bäsdeşliginiň ýitileşýän şertlerinde eksporty diwersifisirlemek wezipesini eksport bazarlarynda ýurduň önümlerini öndüriji – ahyrky satyn alyjy hatarynyň bütin ulgamy boýunça öňe sürmegiň netijeli ulgamyny döretmäge gönükdirilen çäreler toplumyny ornaşdyrmazdan çözmek mümkin däldir. Häzirki pursatda Türkmenistanda bu ugruň ösüşini bökdeýän içerki päsgelçilikler bar: (1) kadalaşdyryjy-hukuk binýadyny, öňi biler hem söwda-ykdysady hyzmatdaşlygyň anyk ugurlary boýunça halkara şertnamalaryny kämilleşdirmek zerurlygy (mysal üçin, Türkmenistan GDA-nyň erkin söwda hakynda ylalaşygyna gatnaşmaýar); (2) degişli ýurtlaryň bazarlarynda ýurtda öndürilen harytlary öňe sürmek boýunça işleri has işjeň alyp barmak maksady bilen, Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky söwda öýleriniň we söwda wekilhanalarynyň ykdysady peýda berijiligini ýokarlandyrmak zerurdyr; (3) halkara ylmy, seljeriş we statistiki maglumatlaryň, şol sanda maglumatlar binýadynyň we ýöriteleşdirilen döwürleýin neşirleriň ýeterlik derejede elýeter bolmazlygy; (4) daşarky bazarlarda Türkmenistanyň önümleri babatynda söwda päsgelçiliklerini (tarif we tarif däl düzgünleşdirmek) ýüze çykarmak we peseltmek boýunça ulgamlaýyn işleri geçirmek zerurlygy; (5) önümleriň anyk görnüşlerini daşarky bazarlara çykarmak boýunça iş ulgamlaýyn häsiýetde alnyp barylmaýar; (6) jogapkär döwlet edaralarynyň, telekeçileriň we bilermenler bileleşiginiň arasynda peýdaly hem-de umumy netijäni gazanmaga gönükdirilen özara hereket ýok;

Şeýle hem telekeçilik bileleşiginde daşarky bazarlaryň elýeter bolmagy babatynda mesele Türkmenistanyň önümlerine salgylaýyn ýeňillik, şol sanda Preferensiýalaryň baş ulgamynyň (PBU) çäklerinde ýeňillik bermek ýoly bilen çözülmelidir diýen pikir agdyklyk edýär. Ýöne munuň üçin hiç hili hukuk esaslary ýokdur. PBU-nyň çäklerinde preferensiýalar (ýeňillikler) Bütindünýä banky tarapyndan girdejisi ortadan ýokary ýurt derejesi berlen ýurtlara, şeýle hem girdejileriniň ýokary derejesi bolan ýurtlara berilmeýär. 2012-nji ýylda Türkmenistana girdejisi ortadan ýokary ýurt derejesi berildi. Degişlilikde,

Türkmenistanyň önümleri beýleki ýurtlaryň önümleri bilen umumy esaslarda bäsleşmelidir. Haryt ýerlenilýän bazarlar üçin berk göreşiň barýan şertlerinde eksporty diwersifisirlemek, şol sanda Türkmenistan üçin täze bazarlara çykmak wezipesini üstünlikli çözmek bu ugurda maksada gönükdirilen, ulgamlaýyn işiň alnyp barylmagyny talap eder.

Mundan başga-da, ýurduň sarp ediş bazaryny dolandyrmak ulgamy hem ýeterlik derejede netijeli bolup durmaýar. Hususan-da, lomaý-bölek satuw söwdasynyň iş tejribesinde telekeçilik işleri babatynda marketing çemeleşmeleriniň ulanylyşy pes derejededir. Umuman alnanda, söwda müşderä gözükdirilen bolup durmaýar, bu bolsa onuň ösüşini bökdeýän faktorlaryň biri bolup durýar. Mundan başga-da, harytlaryň belli nyşanlaryny ulanmak tejribesi (harytda tanalýan söwda nyşanynyň bolmagy) ýeterlik derejede giň ýaýran däldir. Şol bir wagtda harytlar eksport bazarlaryna çykarylanda onuň belli nyşanynyň bolmagy durnukly islegi üpjün edýän aýrylmaz şertleriň biri bolup durýar, sebäbi belli nyşanyň özi sarp edijide belli bir haryda baglylygy emele getirýär.

Şunuň bilen baglylykda, Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasy Türkmenistan tarapyndan milli ykdysadyýetiň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak, importa baglylygy peseltmek we eksporty diwersifisirlemek, şol sanda bu işi eksportyň düzüminde goşulan gymmaty ýokary bolan önümleriň paýyny artdyrmak arkaly amala aşyrmak babatynda goýlan wezipeleriň durmuşa geçirilmegine goldaw bermek maksady bilen, ýurduň söwda kuwwatyny artdyrmak boýunça çäreler toplumyny işläp taýýarlamak we durmuşa geçirmek ulgamynda ýardam bermegi meýilleşdirýär.

## II. STRATEGIÝA

Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasynyň Türkmenistanyň söwda kuwwatyny artdyrmak boýunça çäreler toplumyny işläp taýýarlamak we durmuşa geçirmek boýunça ýardamynyň strategiýasy aşakda getirilýän dört bölekden durýar.

**1 bölek: „Söwdanyň institusional we işgärler kuwwatyny pugtalandyrmak"** şu çäreleri öz içine alýar:

1) milli işgärleriň bäsdeşlige ukyplylygyny ýokarlandyrmak maksady bilen adam maýasyny ösdürmäge we adamyň intellektini ykdysady ösüşiň we milli bäsdeşlige ukyplylygyň esasy faktoryna öwürmäge gönükdirilen çäreler;

2) söwdany düzgünleşdirmegiň Türkmenistanyň hereket edýän halkara şertnamalarynda göz öňünde tutulan gurallarynyň ulanylyşynyň netijeliligini ýokarlandyrmak; importa baglylygy peseltmek we halkara durmuşynyň häzirki şertlerinde eksporty diwersifisirlemek boýunça wezipeleri üstünlikli durmuşa geçirmegiň zerur gurallarynyň biri hökmünde hukuk binýadynyň derwaýyslygy babatynda; söwda-ykdysady hyzmatdaşlygyň meseleleri boýunça mysaly (model) ylalaşyklaryň taslamalaryny taýýarlamak. Bu kiçi bölek Türkmenistanyň ykdysady häsiýeti bolan halkara köp taraply we sebitleýin guramalara gatnaşmagyna seljerme geçirmekligi hem öz içine alýar;

Şu bölegi düzýän çäreler toplumynyň durmuşa geçirilmegi Türkmenistanyň söwda kuwwatynyň ösüşinde ulgamlaýyn içerki päsgelçilikleri aradan aýyrmaga gönükdirilendir. Hususan-da,

**1-nji kiçi bölegiň** çäklerinde dürli derejede içeri we daşary söwda meselelerine çekilen hünärmenleriň bilimleriniň we başarnyklarynyň derejesini ýokarlandyrmak boýunça toplumlaýyn iş geçiriler. Hususan-da, daşary we içeri söwdanyň meseleleri boýunça okuw geçilmegine we hünäri ýokarlandyrmaga bolan zerurlyklara baha berler. Berlen bahanyň netijelerine laýyklykda, Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrliginiň, Söwda-senagat edarasynyň, Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň hünärmenleri üçin ýörite okuw maksatnamalary işlenip taýýarlanar, olar beýlekiler bilen bir hatarda, „Söwda syýasaty", „Gepleşikleri geçirmek sungaty", „Harytlaryň we hyzmatlaryň söwdasyny düzgünleşdirmegiň gurallary", „Halkara söwdasyndaky düşünişmezlikler we aýry-aýry ýurtlaryň-sebitleriň bähbitleri" ýaly dersleri öz içine alar. Okuw kurslary halkara bilermenleriniň, şeýle hem „Bütinrus daşary söwda akademiýasy" (RF), „Ýokary ykdysady mekdep" (RF), „ Bütindünýä Söwda Guramasynyň meseleleri boýunça seljeriş merkezi" (RF), Bütindünýä söwda instituty (Bern ş., Şweýsariýa) ýaly bilim guramalarynyň gatnaşmagynda guralyp bilner.

**2-nji kiçi bölegiň** çäklerinde Türkmenistanyň söwda-ykdysady hyzmatdaşlygynyň bar bolan gurallarynyň ulanylşynyň netijeliligini ýokarlandyrmak boýunça okuw çärelerini geçirmek meýilleşdirilýär, bu bolsa içerki we daşarky bazarlarda ýurduň bähbitlerini goramagyň has doly, hemmetaraplaýyn üpjün edilmegine ýardam eder. Mundan başga-da, söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk ulgamynda halkara iki taraplaýyn we sebitleýin şertnamalary baglaşmagyň tejribesine seljerme geçiriler, ýurduň we hojalyk subýektleriniň bähbitlerini iň gowy derejede göz öňünde tutýan söwda-ykdysady ylalaşyklaryň model (mysaly) görnüşleriniň tekstleri taýýarlanar. Bu iş häzirki dünýäde döwletara we halkara hyzmatdaşlygynyň ähli proseslerinin halkara şertnamalarynyň ýa-da halkara guramalarynyň çözgütleriniň esasynda gurulýandygy bilen bagly zerur bolup durýar. Şeýle esaslaryň bolmazlygy we özgerýän dünýäde döwletleriň derwaýys bähbitlerine laýyk gelmeýän şertnamalaryň bolmagy ykdysady kuwwaty durmuşa geçirmegiň, esasy söwda hyzmatdaşlary we halkara ykdysady merkezler bilen durnukly, diwersifisirlenen aragatnaşyklary gurmagyň ýolunda düýpli (kähalatda üstün çykyp bolmaýan) päsgelçilikleri döredýär.

**3-nji kiçi bölegiň** çäklerinde Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky söwda öýleriniň we söwda wekilhanalarynyň işini amatly etmegi goşmak bilen, işi söwda meseleleri bilen baglanyşykly bolan dürli düzümleriň we guramalaryň sinergetiki netijelerini birleşdirmek boýunça teklipler taýýarlanar we durmuşa geçiriler.

**2 bölek: „Söwda syýasatynyň çärelerini işläp taýýarlamak we durmuşa geçirmek boýunça kuwwaty artdyrmak"** şulary öz içine alýar:

1) üçünji ýurtlaryň bazarlarynda Türkmenistanyň önümleriniň daşarky bazarlara çykmagyna kynçylyk döredýän kadalaşdyryjy we düzgün-tertip päsgelçiliklerine seljerme geçirmek;

2) Türkmenistanyň eksportynyň daşarky bazarlara netijeli çykmagyny üpjün etmäge gönükdirilen çäreler toplumyny işläp taýýarlamak we durmuşa geçirmek, şol sanda milli önümleriň

eksportynyň netijeli öňe sürülmegini üpjün etmäge ukyply goşulyşan haryt geçiriji ulgamy emele getirmegiň guramaçylyk-ykdysady mehanizmlerini ornaşdyrmak;

3) içerki we daşarky sarp ediş bazarlarynda önümleri öňe sürmegiň esasynda telekeçilik işlerine marketing çemeleşmesi we sarp edijiler bilen müşderä gözükdirilen özara gatnaşyklary ýola goýmak ýatýan strategiýasyny güýçlendirmek we haryt nyşanlaryny bellige almak ulgamyny ornaşdyrmak;

Şu bölegi düzýän çäreler toplumy haryt ýerleme bazarlary ugrunda halkara bäsleşigiň ýitileşýän we global töwekgelçilikleriň ýokarlanýan şertlerinde netijeli daşary söwda syýasatynyň durmuşa geçirilmegini üpjün eder. Hususan-da, **1-nji kiçi bölegiň çäklerinde**, iň gowy dünýä tejribelerini (Bütindünýä söwda guramasynyň (BSG), Birleşen Milletler Guramasynyň Söwda we Ösüş boýunça Konferensiýasynyň (UNCTAD) we beýleki halkara guramalaryň çäklerinde işlenip taýýarlanan çäreleri) hasaba almak bilen, üçünji ýurtlaryň bazarlarynda Türkmenistanyň önümleriniň daşarky bazarlara çykmagyna kynçylyk döredýän kadalaşdyryjy we düzgün-tertip päsgelçiliklerini we sebitleýin goşulyşan birleşikleri (Ýewropa Bileleşigi, Ýewraziýa Ykdysady Bileleşigi) öwrenmek meýilleşdirilýär.

**2-nji kiçi bölegiň çäklerinde** Türkmenistanyň önümleriniň daşarky bazarlara çykmagy meselesini toplumlaýyn çözmäge – „ýeke-täk penjire“ ýörelgesi boýunça eksporty goldamak ulgamyny ornaşdyrmaga gönükdirilen çäreler toplumyny durmuşa geçirmek meýilleşdirilýär. Eksporty goldamak ulgamy Türkmenistanyň eksport edijileriniň daşarky bazarlara çykmak üçin iň gowy şertleri almagy maksady bilen, daşarky bazarlardaky söwda päsgelçiliklerini azaltmak we/ýa-da olary aradan aýyrmak boýunça çäreleri, eksport edilýän önümiň import edýän ýurduň hökmany talaplaryna laýyklygyny tassyklamak düzgünleriniň çäklerinde hukuk we tehniki taýdan goldaw bermekligi (sertifikatlar, ygtyýarnamalar, rugsatlar, tehniki talaplar, synag teswirnamalary), eksporta maliýe taýdan goldaw bermek boýunça çäreleri (eksport karzlary, eksport töwekgelçiliklerini ätiýaçlandyrmak we beýlekiler), kompaniýalaryň daşary ýurtlaryň döwlet we täjirçilik bäsleşiklerine (tender) gatnaşmaklaryna goldaw berilmegini öz içine alýar.

**3-nji kiçi bölegiň çäklerinde** Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň esasy ösüş nokatlarynyň biri hökmünde söwdany strategik ösdürmek boýunça çäreler toplumy we amaly maslahatlar işlenip taýýarlanar. Söwdany strategik ösdürmegiň modeli şulary öz içine alýar: (a) söwdanyň ykdysady faktorlaryny, resurslaryny, sarp ediş bazaryndaky özgermeleri, bazar meýillerini öwrenmek, (b) marketing maksatnamalarynyň „anonomligi“ tejribesinden ýüz döndermek; (c) garaşylýan sarp ediş taýdan özüni alyp barşy emele getirmegiň we önüme bolan islegi höweslendirmegiň guraly hökmünde bölek satuw söwda guramalarynyň sarp edijiler bilen müşderä gözükdirilen özara gatnaşyklaryny gurmak, bu bolsa, öz gezeginde, içerki önümçiligiň ýokarlanmagyna ýardam eder; (d) kiçi telekeçiligi ösdürmegiň we täze iş ýerlerini döretmegiň esasy çeşmesi hökmünde hyzmatlaryň we ilata hyzmat ediş ulgamynyň netijeliligini ýokarlandyrmak (mysal üçin, iýmit kärhanalary we beýlekiler). Şeýle hem önümçilik we söwda ulgamyna telekeçiligi tapawutlandyrmak, sarp edijileriň anyk öndürijileriň önümlerine ygrarlylygyny höweslendirmek maksady bilen, haryt nyşanlaryny bellige almak tejribesini ornaşdyrmak, bu bolsa öz gezeginde, ýurtda öndürilen harytlaryň tanalmagyna we sarp ediş bazarynyň ösmegine ýardam eder.

**3 bölek: „Ylmy-amaly barlaglaryň kuwwatyny güýçlendirmek we bilimiň hilini ýokarlandyrmak“** şulary öz içine alýar:

1) ylmy barlaglaryň ileri tutulýan ugurlary boýunça täze bilimleri we hyzmatdaşlyk mümkinçiliklerini edinmek maksady bilen, Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrliginiň daşary ýurtlaryň ylmy bileleşigi bilen özara hereket etmegi üçin şertleri döretmäge gönükdirilen çäreler.

2) ýurduň söwda kuwwatyny güýçlendirmegi goşmak bilen, Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň bäsleşige ukyply sektorlaryny pugtalandyrmak maksatlarynda bilimleri (düýpli we amaly ylmy) emele getirmek ulgamynyň netijeliligini ýokarlandyrmaga, ylmy barlaglaryň amaly ähmiýetini ýokarlandyrmaga gönükdirilen çäreler.

Şu bölegi düzýän çäreler toplumynyň durmuşa geçirilmegi Türkmenistanyň söwda-ykdysady ösüşine netijeli goşant goşmaga we bäsdeşlige ukyply ylmy ösdürmegiň esasyny emele getirmäge, şeýle hem bäsdeşlige ukyply milli işgärleri taýýarlamak ulgamyny emele getirmegiň düýbüni tutmaga mümkinçilik berer.

**1-nji kiçi bölegiň** çäklerinde Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrliginiň mümkin bolan hyzmatdaşlarynyň toparyny emele getirmek boýunça çäreler durmuşa geçiriler (mysal üçin, Russiýa Federasiýasynyň Halk hojalygy we döwlet gullugy akademiýasy (RF), Ýokary ykdysady mekdep (RF), Belarusyň Milli akademiýasynyň Ykdysadyýet instituty, Gazagystan Respublikasynyň Ykdysady barlaglar

instituty, Gazagystanyň Strategik barlaglar instituty we beýlekiler). Şunuň ýaly özara hereket ýurduň söwdasyny ösdürmegiň bähbitlerinde Institutyň ylmy-barlaglar kuwwatyny has-da ýokarlandyrar, ösüş üçin täze mümkinçilikleri döreder.

**2-nji kiçi bölegiň** çäklerinde bir tarapdan, telekeçilik bileleşigi bilen, beýleki tarapdan, ylmy-barlag institutlary we ýokary okuw mekdepleriniň arasynda gaýtarymly (обратный) aragatnaşyklar ulgamyny ýola goýmaga gönükdirilen çäreler toplumyny işläp taýýarlamak boýunça işler geçiriler. Bu bolsa ylmy işleriň amaly ähmiýetini güýçlendirmäge, bazar tarapyndan ylmy bilimlere we ýokary hünär derejesi bolan hünärmenlere bolan durnukly islegi emele getirmäge ýardam berer.

Şu taslama Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ösüşiniň 2011-2030-njy ýyllar üçin uzak möhletli Milli Maksatnamasynda bellenen maksatlara we wezipelere laýyk gelýär. Şeýle hem taslama Türkmenistan bilen Birleşen Milletler Guramasynyň arasynda hyzmatdaşlygyň 2016-2020-nji ýyllar aralygyndaky döwür üçin Çarçuwaly maksatnamasynyň we Türkmenistanyň Hökümeti bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasynyň arasynda 2016-2020-nji ýyllar üçin ýurt boýunça Maksatnamanyň Hereketler meýilnamasynyň ykdysadyýeti diwersifisirlemäge we durnukly, ähli taraplary öz içine alýan, köp sanly iş ýerleriniň döredilmegini üpjün edýän ösüş, hususy bölegiň giňelmegine ýardam etmek üçin makro ykdysady dolandyryşyň güýçlenmegi, telekeçiligiň ösmegine we kiçi we orta kärhanalar sektorynyň giňelmegine ýardam etmek bilen häsiýetlendirilýän bazar ykdysadyýetine geçmäge gönükdirilen netijeleriniň durmuşa geçirilmegine ýardam eder. Taslama 2030-njy ýyla çenli Durnukly ösüş babatynda Global gün tertibi durmuşa geçirmäge we 2016-njy ýylyň sentýabrynda Türkmenistan tarapyndan millileşdirilen Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmäge ýardam eder. Hususan-da DÖM 8 (ykdysadyýet), DÖM 9 (innowasiýalar/infrastruktura), DÖM 10 (deňlik) we DÖM 17 (hyzmatdaşlyk) maksatlary göz öňünde tutulýar.

## III. NETIJELER WE HYZMATDAŞLYK GATNAŞYKLARY

Taslamanyň çäklerinde Türkmenistanyň söwda kuwwatyny pugtalandyrmaga we güýçlendirmäge düýpli goşant goşjak, ýurduň ykdysadyýetiniň bäsdeşlik mümkinçiligini giňeltjek we şunuň esasynda ykdysady ösüşiň we ilatyň hal-ýagdaýyny gowulandyrmagyň täze çeşmelerini herekete getirjek aşakdaky netijeler gazanylar diýlip garaşylýar.

**Netije 1: Söwdanyň institusional we işgärler kuwwaty pugtalandyryldy.** Hususan-da, işi söwda meseleleri bilen baglanyşykly bolan döwlet edaralarynyň, jemgyýetçilik we beýleki guramalaryň işgärleriniň hünär derejesiniň ýokarlanmagyna garaşylýar. Alnan bilimler we ele alnan başarnyklar söwda meseleleriniň giň toplumy boýunça milli işgärleriň bäsdeşlige ukyplylygyny düýpli pugtalandyrar. Söwda-ykdysady hyzmatdaşlygyň meseleleri boýunça mysaly (model) ylalaşyklaryň taslamalary taýýarlanar. Şeýle hem Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky söwda öýleriniň we söwda wekilhanalarynyň işini amatly etmegi goşmak bilen, işi söwda meseleleri bilen baglanyşykly dürli düzümleriň we guramalaryň sinergetiki netijesini birleşdirmek boýunça teklipler taýýarlanar we durmuşa geçiriler.

Bu netije şu çäreleri amala aşyrmak arkaly gazanylar:

- Leksiýalar, amaly sapaklar, ussatlyk sapaklary, meseleleri çözmek, keýs ýagdaýlaryny keşiplendirmek görnüşinde gysga möhletli (bir hepdä çenli) we orta möhletli (dört hepdä çenli) okuwlaryň çäklerinde milli işgärler bilen amaly okuwlary geçirmek. Mundan başga-da, milli işgärleriň, öňi bilen hem döwlet gullukçylarynyň hünär derejesini yzygiderli ýokarlandyrmak boýunça işler ýola goýlar;
- Ygtyýarlygyna söwda meseleleri girýän pudak edaralarynyň (Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi, Söwda-senagat edarasy, Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi, söwda öýleri we söwda wekilhanalary) borçlaryny we wezipelerini öwrenmek we olaryň kuwwatyny ýokarlandyrmak we olaryň özara hereketiniň sinergetiki netijesini güýçlendirmek.

**Netije 2: Söwda syýasatynyň çärelerini işläp taýýarlamak we durmuşa geçirmek ulgamynda kuwwat güýçlendirildi.** Hususan-da, üçünji ýurtlaryň bazarlarynda Türkmenistanyň önümleriniň daşarky bazarlara çykmagyna kynçylyk döredýän kadalaşdyryjy we düzgün-tertip päsgelçilikleriniň sanawy kesgitlener. Eksporty goldamagyň birlik (eksport ediji) derejesinde hem döwlet derejesinde hem milli önümleri eksport bazarlaryna netijeli çykarmak üçin talap edilýän administratiw, hukuk, ykdysady we tehniki çözgütleriň ähli jähtlerini öz içine alýan haryt geçiriji ulgamyň goşulyşmagy boýunça halkara tejribesi teklip ediler. Şeýle hem daşary ýurtlardaky söwda öýleriniň we söwda wekilhanalarynyň işiniň netijeliliginiň we iş ýüzünde peýda berijiliginiň ýokarlanmagyna garaşylýar, bu barylýan ýurtlaryň bazarlarynda ýerlenilýän milli önümleriň, öňi bilen hem düýpli gaýtadan işlenen önümleriň möçberleriniň artmagynda we sanawynyň giňelmeginde ýüze çykar. Ilatyň harytlaryň we hyzmatlaryň giň görnüşlerine, birinji nobatda, milli önümçiligiň harytlaryna bolan isleglerini has doly kanagatlandyrmak üçin haryt serişdelerini dolandyrmagyň usullaryny kämilleşdirmegiň, esasynda telekeçilik işlerine marketing çemeleşmesi we sarp edijiler bilen müşderä gözükdirilen gatnaşyklar ýatýan harytlaryň hereketiniň netijeli ulgamyny döretmegiň esasynda sarp ediş bazaryny dolandyryş ulgamy döredilер. Şeýle hem önümçilik we ýurtda öndürilen harytlary ýerlemek ulgamyna söwda nyşanlaryny bellige almak tejribesi ornaşdyrylar.

Bu netije şu çäreleri amala aşyrmak arkaly gazanylar:

- Üçünji ýurtlaryň bazarlarynda hereket edýän, Türkmenistanyň häzirki we mümkin bolan eksport bähbitlerine ters täsir edýän gümrük-tarif we tarif däl kadalaşdyryş çärelerini öwrenmek;
- Hereket edýän halkara hukugynyň düzgünlerini hasaba almak bilen, ähli haryt ugradyş hatary boýunça milli eksporty goldamagyň toplumlaýyn ulgamyny ornaşdyrmak üçin iş ýüzünde amala aşyrylmagy zerur bolan çäreler barada teklipleri taýýarlamak;
- Söwda öýleriniň we söwda wekilhanalarynyň işiniň hukuk we institusional esaslaryny, şol sanda ýerli ýagdaýy hasaba almak bilen, olaryň üçünji ýurtlaryň bazarlarynda hereket etmeginiň aýratynlyklaryny öwrenmek;
- Iň gowy dünýä tejribeleriniň esasynda lomaý-bölek satuw söwdasy kärhanalary tarapyndan bazarlara we sarp ediş babatda özüňi alyp barmaklyga seljerme geçirmegiň marketing tehnologiýalaryny peýdalanylmagy boýunça amaly maslahatlary işläp taýýarlamak;

- Iň gowy dünýä tejribeleriniň esasynda söwdanyň işjeň görnüşlerini (ýarmarkalary, satuw sergilerini, satyn alyjylara baýraklary gowşurmak bilen mahabat çärelerini) ösdürmek boýunça amaly maslahatlary işläp taýýarlamak;
- Iň gowy dünýä tejribeleriniň esasynda harytlaryň söwdasyny guramagyň öňdebaryjy tehnologiýalaryny ornaşdyrmak boýunça amaly maslahatlary işläp taýýarlamak;
- Söwda nyşanlaryny patentlemek we bellige almak ulgamyndaky çözgütleri goşmak bilen, milli önümleriň söwda nyşanlaryny bellige almak boýunça toplumlaýyn çözgütleri taýýarlamak;
- Eksporty goldamagyň onlaýn taslamalarynyň iň gowy dünýä tejribelerini öwrenmek;
- Maglumat-seljeriş onlaýn portalynyň tehniki tabşyrygyny işläp taýýarlamak, durmuşa geçirmek we işe girizmek;
- Portaly maglumat bilen doldurmak we ony yzygiderli wajyplaşdyrmak boýunça amaly ädimler.

**Netije 3: Ylmy-amaly barlaglar we bilimiň hili gowulandyryldy.** Hususan-da, Türkmenistanyň döwlet häkimiýeti edaralary, ylmy institutlar we bilim guramalary üçin halkara ylmy, seljeriş, statistiki maglumatlaryň we ýöriteleşdirilen neşirleriň elýeter bolmagy üpjün ediler, bu bolsa öz gezeginde,yzygiderli täzelenýän maglumatlar binýadynyň, ýagny täze bilimleriň elýeter bolmagyny üpjün eder. Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi bilen daşary ýurtlaryň, birinji nobatda, ýakyndaky daşary ýurtlaryň ylmy barlag we bilermenler guramalarynyň arasynda hyzmatdaşlyk hakynda şertnamalar baglaşylar, bu bolsa Institutyň öňünde söwda kuwwatyny durmuşa geçirmek babatynda täze mümkinçilikleri açar. Ykdysadyýet tarapdan bildirilýän talaplara çeýe seslenýän ylmy barlaglaryň we işläp taýýarlamalaryň ýokary bilim bilen goşulyşan ulgamyny döretmäge gönükdirilen institusional mehanizmler ornaşdyrylar.

Bu netije şu çäreleri amala aşyrmak arkaly gazanylar:

- Degişli ylmy-barlag we bilermenler guramalarynyň işini öwrenmek we seljermek, hyzmatdaşlyk hakynda şertnamalary baglaşmak hakynda teklipleri taýýarlamak, talap edilýän netijäni gazanmak maksady bilen, gepleşikleri geçirilmegine goldaw bermek;
- Hususy bölek-döwlet hyzmatdaşlygynyň mehanizmlerini işläp taýýarlamak we işe girizmek hem-de Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrliginiň işinde innowasion düzüm bölegini güýçlendirmek;
- Ýurduň okuw mekdepleriniň ýetmezçilik edýän hünärler boýunça işgärleri taýýarlamak babatynda mümkinçiliklerini seljermek we teklipleri taýýarlamak;

**Garaşylýan netijeleri gazanmak üçin zerur bolan serişdeler**

Ýokarda sanalyp geçilen netijeleri gazanmak maksady bilen, taslama ýokary hünärli halkara bilermenlerini çekmegi göz öňünde tutýar. Geňeşçileriň söwda kuwwatyny ösdürmek we söwdany ösdürmek ulgamynda degerli iş tejribesi, GDA sebitinde iş tejribesi bolmalydyr, şeýle hem olar iňlis we rus dillerini (sözläp we ýazyp bilmek) gowy bilmelidirler. Şeýle hem taslama halkara bilermenlerine kömek etmek üçin ýerli geňeşçiler çekiler. Bu geňeşçileriň iş tejribesi bolmalydyr we Türkmenistanyň daşary we içeri söwdasynyň milli ulgamyny, şol sanda kadalaşdyryjy-hukuk we institusional binýady gowy bilmelidirler. Şeýle hem degişli ugurlarda halkara tejribesini öwrenmek maksady bilen okuw saparlary guralar.

**Hyzmatdaşlyk gatnaşyklary**

Taslamany durmuşa geçirmegiň barşynda Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasy we Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrliginiň, Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň, Söwda-senagat edarasynyň, Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň we beýleki guramalaryň wekilleri bilen ýakyn hyzmatdaşlyk ederler. Şeýle hem taslamanyň işi Türkmenistanyň söwda syýasatyny kämilleşdirmek we söwda kuwwatyny ýokarlandyrmak ulgamynda işlerini amala aşyrýan beýleki halkara guramalarynyň, şol sanda Birleşen Milletler Guramasynyň Söwda we Ösüş boýunça Konferensiýasynyň (UNCTAD), Bütindünýä söwda guramasynyň (WTO) merkeziniň, Birleşen Milletler Guramasynyň Ýewropa ykdysady komissiýasynyň (UNECE) işi bilen utgaşdyrylar.

## IV. TASLAMANY DOLANDYRMAGYŇ MEHANIZMLERI

Taslama Milli ýerine ýetiriş mehanizmini peýdalanmak bilen amala aşyrylar. Taslamany durmuşa geçirmek boýunça milli hyzmatdaş hökmünde Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi (Ministrlik) taslamany durmuşa geçirmegiň ähli jähtlerine gözegçiligi amala aşyrar. Bu wezipe Ministrligiň daşarky we içerki söwda ulgamyndaky syýasaty işläp taýýarlamak we durmuşa geçirmek wezipesine laýyk gelýär. Ministrlik Taslamanyň milli utgaşdyryjysy (TMU) hökmünde wezipeli işgäri bellär, ol taslamanyň ýerine ýetirilişine gözegçiligiň amala aşyrylyşy üçin esasy jogapkär adam bolar.

Taslamany umumy dolandyrmak Taslama Geňeşi tarapyndan amala aşyrylar, onuň düzümine Ministrlik we Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasy girer. Şeýle hem Söwda-senagat edarasynyň, Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň we Türkmenistanyň haryt-çig mal biržasynyň wekilleri Taslama Geňeşiniň agzalary bolarlar. Taslamany milli utgaşdyryjy (TMU) Taslama Geňeşiniň başlygy bolar, BMGÖM ähli duşuşyklary guramaga we dolandyrmaga hem-de beýleki görnüşde maglumatlary alyşmaga goldaw berer. Taslama geňeşiniň ýygnagy iň bolmanda ýylda iki gezek, ýagny geljek ýyl üçin Ýyllyk iş meýilnamany we geçen ýylyň hasabatlaryny makullamak üçin geçiriler. Zerur bolan halatynda TMU goşmaça ýygnaklary çagyryp biler. Taslama Geňeşi Taslama umumy ýolbaşçylygy amala aşyrýar we onuň başlanmagy, ugry, oňa syn berilmegi we gutarnykly ýapylmagy üçin jogapkärçilik çekýär. Taslamanyň çäklerinde Geňeş ýokary ýolbaşçy edara bolup durýar. Ol zerur bolan ähli serişdeleriň bölünip berilmegini üpjün edýär, taslamanyň çäklerindäki islendik düşünişmezliklerde kazynyň ornunda çykyş edýär ýa-da taslama bilen taslamanyň hereket edýän çygrynyň daşyndaky islendik taraplaryň arasynda ýüze çykan ol ýa-da beýleki meseleleri çözmek boýunça gepleşikleri alyp barýar.

BMGÖM Taslama Geňeşi tarapyndan makullanan meýilnamalara laýyklykda, taslamany dolandyrmakda we onuň hilini üpjün etmekde Ministrlige goşular. Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasynyň taslama boýunça işiniň köp bölegi Aşgabatda Ýurt edara binasynyň binýadynda, Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasynyň Hemişelik wekiliniň orunbasarynyň we zerur bolanda Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasynyň Hemişelik wekiliniň ýolbaşçylygynda amala aşyrylar.

Taslamanyň gündelik amallary taslamanyň Dolandyryjysy tarapyndan amala aşyrylar, ol halkara we milli bilermenleriň we kömekçi işgärleriň işine ýolbaşçylyk eder. Taslamanyň işgärleri taslama boýunça şu Taslama Resminamasynda göz öňünde tutulan işiň we Taslama Geňeşi tarapyndan makullanan islendik üýtgetmeleriň amala aşyrylmagy üçin jogapkärçilik çekýärler. Taslama Geňeşiniň her ýygnagyna taslamanyň dolandyryjysy taslama işi boýunça işleriň barşy barada hasabat taýýarlaýar, hasabata soňky gazanylan üstünlikler, töwekgelçilikler we onuň netijelerini ýeňilleşdirmek boýunça teklip edilýän çäreler goşulýar. Taslamanyň dolandyryjysy, şu taslama boýunça gol çekilen resminamalaryň talaplaryna laýyklykda, BMGÖM we Hökümet üçin talap edilýän ähli ýyllyk hasabatlaryň taýýarlanmagy üçin hem jogapkärçilik çekýär.

Taslama anyk taslama işlerini durmuşa geçirmek üçin bilermenleri, şol sanda uzak möhlet bilen milli geňeşçini we gysga möhlet bilen halkara bilermenlerini çeker. Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasynyň sebitdäki merkeziniň hünärmenleri hem taslama işine goldaw bermäge çekiler. Taslama bilermenleriň çykdajylaryny çeker.

Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasynyň ýurtdaky edarasynyň işgärleri taslama boýunça ähli administratiw işleri, şol sanda logistika we iş ýöretmek boýunça işleri amala aşyrmaga taslama ýardam ederler. Mundan başga-da, ýurtdaky edara belli bir administratiw wezipeleri (mysal üçin, satyn almalary we maliýäni dolandyrmagy) amala aşyrmakda Hökümete administratiw goldawy üpjün eder. Soňky wezipeler bilen bagly harajatlar boýunça, „Aýratyn düzgünler“ atly 1-nji goşundyda görkezilen şertlere laýyklykda, Göni Taslama Harajatlary maddasy boýunça hasap berler.

# Taslamanyň guramaçylyk gurluşy



## V. NETIJELERIŇ GURLUŞY

**Ýurt maksatnamanyň netijeleriniň we serişdeleriniň gurluşynda görkezilişi ýaly, garaşylýan ahyrky netije:** Ykdysadyýeti durnukly diwersifisirlemek ýoly bilen inklýuziw iş bilen üpjünçilige ýardam edýän strategiýalar we kadalar ýönekeýleşdirildi **Aralyk netije(ler):** Inklýuziw we durnukly ösüş we ýokarlanyş we ösüş, ol üpjünçiligi pes we ynjyk gatlaklar üçin iş ýerlerini we ýaşamak üçin serişdeleri üpjün etmek mümkinçiligini döredýän önümçilik kuwwatyny öz içine alýar

**Ýurt maksatnamanyň netijeleriniň we serişdeleriniň gurluşynda görkezilişi ýaly, ahyrky netijeleriň indikatorlary, başlangyç maglumatlary we maksatlaýyn görkezijileri goşmak bilen:**

**Indikator 8.4.1.** Importa, eksporta we harytlaryň serhediň üstünden erkin geçirilmegine ýardam etmek üçin kämilleşdirilen we ýönekeýleşdirilen hukuk gurallarynyň (ýa-da çäreleriň) we kanunyň esasynda taýýarlanýan namalaryň sany. **Binýatlyk görkeziji:** Importa we eksporta ýardam edýän maksatnamalary işläp taýýarlamak boýunça meýilnamalar bar **Maksatlaýyn görkeziji**: 4

**Indikator 8.4.2.** Milli we ýerli derejelerde ykdysadyýeti diwersifisirlemäge degişli döwlet, pudaklaýyn we sebit maksatnamalarynyň, şol sanda kiçi we orta telekeçiligi ösdürmek boýunça maksatnamalaryň sany. **Binýatlyk görkeziji:** Ykdysadyýetiň senagat pudaklarynda telekeçiligi ösdürmek boýunça bir milli maksatnama **Maksatlaýyn görkeziji** 3

**Taslamanyň ady we belgisi:** Türkmenistanyň söwda kuwwatyny güýçlendirmek

| GARAŞYLÝAN NETIJELER | GÖRKEZIJILER | MAGLUMAT ÇEŞMESI | BAŞLANGYÇ MAGLUMATLAR | | MAKSATLAR | | | MAGLUMAT ÝYGNAMAGYŇ USULLARY |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | ADY | Ýyl | 1-nji ýyl | 2-nji ýyl | JEMI | |
| **Netije 1** Söwdanyň institusional we işgärler kuwwatyny pugtalandyrmak | 1.1 Halkara söwdasynyň meseleleri boýunça sertifikatlaşdyrylan hünäri ýokarlandyryş okuwlaryny geçen hünärmenleriň sany | *Taslamanyň maglumatlary* | - | 2019-2021 | 30 | 30 | 60 | *Taslamanyň hasabatlary* |
| | 1.2 Iki taraplaýyn, sebitleýin we köp taraplaýyn derejede söwda boýunça şertnamalary baglaşmagyň tejribesi | *Taslamanyň maglumatlary* | - | 2020-2021 | + | | + | *Taslamanyň hasabatlary* |
| **Netije 2** Daşary söwda syýasatynyň çärelerini işläp taýýarlamak we durmuşa geçirmek boýunça kuwwat | 2.1. Sarp ediş bazaryny dolandyryş ulgamyny kämilleşdirmek. Halkara tejribesi we Türkmenistan üçin maslahatlar | *Taslamanyň maglumatlary* | - | 2019-2020 | | + | + | *Taslamanyň hasabatlary* |
| | 2.2. Bazara we sarp ediş babatda özüňi alyp barmaklyga seljerme geçirmegiň öňdebaryjy maglumat we marketing tehnologiýalaryny ulanmakda milli işgärleriň mümkinçiligini ýokarlandyrmak | *Taslamanyň maglumatlary* | - | 2019-2020 | + | | + | *Taslamanyň hasabatlary* |

| | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | 2.3 Söwda nyşanlaryny bellige almak tejribesini kämilleşdirmek boýunça syn bermek we teklipleri taýýarlamak | *Taslamanyň maglumatlary* | - | 2019-2020 | + | | + | *Taslamanyň hasabatlary* |
| | 2.4 Daşary ýurtlardaky söwda öýleriniň/wekilhanalarynyň işiniň iş ýüzünde peýda berijiligini ýokarlandyrmak boýunça maslahatlar | *Taslamanyň maglumatlary* | - | 2019-2020 | | + | + | *Taslamanyň hasabatlary* |
| **Netije 3** Ylmy-amaly barlaglaryň kuwwaty güýçlendirildi | 3.1 Ylmy-barlag we innowasion düzüm bölekleri güýçlendirmek boýunça teklipler | *Taslamanyň maglumatlary* | - | 2020-2021 | | | + | *Taslamanyň hasabatlary* |
| | 3.2 Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi bilen daşary ýurtlaryň ylmy-barlag we bilermenler guramalarynyň arasynda hyzmatdaşlyk hakynda şertnamalary baglaşmak boýunça teklipleri taýýarlamak | *Taslamanyň maglumatlary* | - | 2020-2021 | + | + | + | *Taslamanyň hasabatlary* |
| | 3.3. Milli işgärleri taýýarlamak boýunça okuw maksatnamalary (tassyklanan sanawa laýyklykda) işlenip taýýarlandy | *Taslamanyň maglumatlary* | - | 2020-2021 | | + | + | *Taslamanyň hasabatlary* |

## VI. MONITORING WE BAHA BERMEK

| Monitoring boýunça iş | Maksady | Döwürleýinlik | Garaşylýan hereketler |
|---|---|---|---|
| **Netijeleri gazanmakdaky öňegidişlige syn etmek** | Netijeleriň we serişdeleriň gurluşynda netijeleriň indikatorlaryna laýyklygy babatynda taslamanyň ýerine ýetirilişi baradaky maglumatlar ylalaşylan jemleýji netijeleriň gazanylyşyna degişlilikde taslamada öňegidişlige baha bermek üçin ýygnalar we seljeriler. | Her çärýekde ýa-da her bir indikator üçin talap edilýän döwürde. | Eger öňegidişlik göz öňünde tutulandan has haýal barýan bolsa, onda bu meselä taslamanyň ýolbaşçylygy tarapyndan serediler. |
| **Monitoring geçirmek we töwekgelçilikleri dolandyrmak** | Bellenen netijeleriň gazanylmagyna howp salyp biljek anyk töwekgelçilikleri kesgitlemek. Töwekgelçilikler žurnalyny peýdalanmak bilen töwekgelçilikleri dolandyrmak boýunça hereketleri kesgitlemek we olara gözegçilik etmek. Bu Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasynyň Durmuş we ekologiýa standartlaryna laýyklykda talap edilip bilinjek monitoring çärelerini we meýilnamalaryny öz içine alýar. Audit barlaglary Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasynyň maliýe töwekgelçiliklerini dolandyrmak maksady bilen auditleri geçirmek boýunça düzgünlerine laýyklykda geçiriler. | Her çärýekde | Töwekgelçiliklere taslamanyň ýolbaşçylygy tarapyndan kesgitlenýär we töwekgelçiligi dolandyrmak boýunça çäreler görülýär. Ýüze çykarylan töwekgelçiliklere we görlen çärelere syn etmek üçin töwekgelçilikler žurnaly işjeň ýöredilýär. |
| **Öwrenmek** | Bilimler, öňdebaryjy tejribe we sapaklar yzygiderli gurşalyp alnar. Mundan başga-da, olary beýleki taslamalardan we hyzmatdaşlardan alyp we şu taslama goşup bolar. | Iň bolmanda her ýyl | Degişli sapaklar taslamanyň topary tarapyndan gurşalyp alynýar we ýolbaşçylygyň oýlanyşykly çözgütlerini kabul etmek üçin peýdalanylýar. |
| **Her ýyl taslama boýunça işiň hilini üpjün etmek** | Taslamanyň hiline taslamanyň güýçli we gowşak taraplaryny kesgitlemek üçin we taslamany gowulandyrmak maksady bilen ýolbaşçylyk derejesinde oýlanyşykly çözgütleri çykarmak üçin Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasynyň hil standartlaryna laýyklyklygy babatynda baha berler. | Her ýyl | Güýçli we gowşak taraplaryna taslamanyň ýolbaşçylygy tarapyndan serediler we taslamany amala aşyrmagyň görkezijilerini gowulandyrmak maksatlarynda oýlanyşykly çözgütleri kabul etmek üçin peýdalanylar. |
| **Işiň ugurlaryna gaýtadan seretmek we düzediş girizmek** | Oýlanyşykly çözgütleri çykarmak üçin ähli monitoring hereketleri boýunça maglumatlara we faktlara içerki syny taýýarlamak. | Iň bolmanda her ýyl | Taslamanyň ýerine ýetirilişi baradaky maglumatlar, töwekgelçilikler, sapaklar we hili Taslama Geňeşi tarapyndan ara alnyp maslahatlaşylar we işiň ugurlaryna düzediş girizmek üçin peýdalanylar. |

| | | | |
|---|---|---|---|
| **Taslamanyň ýerine ýetirilişi barada hasabat** | Işiň barşy barada hasabat Taslama Geňeşine we esasy gyzyklanýan taraplara berler we jemleýji netijeler derejesinde deslapdan kesgitlenen ýyllyk aralyk maksatlara laýyklygy babatynda gazanylan netijeleri görkezýän işiň barşy baradaky maglumatlary, taslamanyň hiliniň ýyllyk reýtinginiň gysgaça syny, netijelerini ýeňilleşdirmek boýunça çäreler bilen bilelikde, töwekgelçilikleriň täzelenen žurnalyny we baha bermek we syn bermek boýunça şu döwürde taýýarlanan ähli hasabatlary öz içine alar. | Her ýyl we taslamanyň ahyrynda (jemleýji hasabat) | |
| **Taslama syn bermek (Taslama Geňeşi)** | Taslamany dolandyrmagyň mehanizmi (ýagny Taslama Geňeşi) taslamany amala aşyrmagyň netijelerine baha bermek we taslamanyň amala aşyrylýan döwrüniň bütin dowamynda býujetiň hakyky düzülmegini üpjün etmek maksady bilen, Işleriň Köp ýyllyk meýilnamasyna seretmek üçin taslama yzygiderli syn bermek geçiriler. Taslama Geňeşi alnan sapaklary gurşap almak we giňeltmek üçin mümkinçilikleri hem-de taslamanyň netijelerini millileşdirmek we degişli auditoriýa bilen alnan sapaklary ara alyp maslahatlaşmak üçin taslama tamamlanandan soň syn bermegi geçirmelidir. | Iki ýylda bir gezek | Taslamanyň ýerine ýetirilişiniň we netijeleriniň hiline degişli meseleleriň ählisi we göz öňünde tutulandan has haýal öňegidişlik Taslama Geňeşi tarapyndan ara alnyp maslahatlaşylmalydyr we ýolbaşçylygyň hereketleri ýüze çykarylan meseleleri çözmek üçin ylalaşylmalydyr. |

## VII. ÝYLLYK IŞ MEÝILNAMASY

**01.05.2019- 30.04.2020 döwri**

| Garaşylýan netijeler | Meýilleşdirilýän çäreler | Möhletler | | | | Meýilleşdirilýän býujet | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | 2019ý 2-nji çär | 2019ý 3-nji çär | 2019ý 4-nji çär | 2020ý 1-nji çär | Maliýeleşdiriş çeşmesi | Býujetiň ýazgy beýany | Pul möçberi (ABŞ dollarynda) |
| Netije 1 Söwdanyň institusional we işgärler kuwwatyny pugtalandyrmak | 1.1. Söwda meseleleri boýunça sertifikatlaşdyrylan hünäri ýokarlandyryş okuwyny geçirmek (30 adam) | | | | | Türkmenistanyň Hökümeti | 71200 Halkara bilermeni (1 bilermen x 20 gün x 2 okuw = 40 gün)* | 24,000* |
| | | | | | | | 71600 Ulag çykdajylary (5 gün x 1 bilermen x 2 sapar)* | 4,900* |
| | | | | | | | 75700 Treningler, seminarlar (5 gün x 30 adam x 2 okuw – kanselýar harytlary we paýlanýan materiallary çap etmek) | 11,760 |
| | | | | | | | 71400 Dolandyryş çykdajylary | 11,089 |
| | 1.2 Bazara we sarp ediş babatda özüňi alyp barmaklyga seljerme geçirmegiň öňdebaryjy maglumat we marketing tehnologiýalaryny ulanmak, harytlaryň satylyşyny we sarp ediş özüňi alyp barşy guramakda milli işgärleriň mümkinçiligini ýokarlandyrmak, şol sanda welaýatlarda. | | | | | BMG | 71200 Halkara bilermeni (1 bilermen x 20 gün)* | 12,000* |
| | | | | | | Türkmenistanyň Hökümeti | 71600 Ulag çykdajylary (1 bilermen x 15 gün)* | 4,940* |
| | | | | | | | 71600 Ulag çykdajylary (3 gün x 1 bilermen x 5 welaýat x 1 seminar)* | 1,450 |
| | | | | | | | 71300 Milli bilermenler (2 bilermen x 2 aý) | 4,000 |
| | | | | | | | 71600 Ulag çykdajylary (3 gün x 1 milli bilermen x 5 welaýat) | 2,900 |
| | | | | | | | 75700 Treningler, seminarlar (3 gün x 15 gatnaşyjy x 5 welaýat) | 8,625 |
| | | | | | | Türkmenistanyň Hökümeti | 64300, 74500 Amal çykdajylary | 1,000 |

| | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | Jemi, Netije 1: | | | | | Türkmenistanyň Hökümeti | | 86,664 |
| | Jemi Türkmenistanyň Hökümeti | | | | | | | 74,664 |
| | Jemi BMG-nyň Ösüş Maksatnamasy | | | | | | | 12,000 |
| | Administratiw çykdajylar, 7%: | | | | | Türkmenistanyň Hökümeti | 75100 | 5,226 |
| | **Umumy Netije 1, administratiw çykdajylary goşmak bilen:** | | | | | Türkmenistanyň Hökümeti | | **91,890** |
| Netije 2. Daşary söwda syýasatyny işläp taýýarlamak we durmuşa geçirmek boýunça kuwwaty güýçlendirmek | 2.1 Söwda päsgelçiliklerini aradan aýyrmak we haryt ugradyşyň ähli hatary boýunça milli önümleriň eksportyny goldamagyň toplumlaýyn ulgamyny ornaşdyrmak boýunça teklipleri taýýarlamak. Halkara tejribesi we Türkmenistan üçin maslahatlar. | | | | | Türkmenistanyň Hökümeti | 71200 Halkara bilermenleri (2 bilermen x 20 gün)* | 24,000* |
| | | | | | | | 71600 Ulag çykdajylary (2 sapar x 5 gün x 2 bilermen)* | 9,800* |
| | | | | | | | 71300 Milli bilermenler (2 bilermen x 6 aý) | 12,000 |
| | | | | | | | 75700 Treningler, seminarlar (5 gün x 30 gatnaşyjy – kanselýar harytlary we paýlanýan materiallary çap etmek x 2 okuw) | 11,760 |
| | | | | | | | 71400 Dolandyryş çykdajylary | 10,000 |
| | 2.2. Bazara we sarp ediş babatda özüňi alyp barmaklyga seljerme geçirmegiň öňdebaryjy maglumat we marketing tehnologiýalaryny ulanmakda milli işgärleriň mümkinçiligini ýokarlandyrmak | | | | | Türkmenistanyň Hökümeti | 71200 Halkara bilermenleri (1 bilermen x 10 gün)* | 6,000* |
| | | | | | | | 71600 Ulag çykdajylary (5 gün x 1 bilermen)* | 2,500* |
| | | | | | | | 75700 Treningler, seminarlar (5 gün x 30 gatnaşyjy – kanselýar harytlary we paýlanýan materiallary çap etmek x 1 okuw) | 5,880 |
| | | | | | | | 72400 Aragatnaşyk we internet | 2,952 |

| | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | | | | | | 64300, 74500 Amal çykdajylary | 1,000 |
| | Jemi, Netije 2: | | | | | Türkmenistanyň Hökümeti | | **85,892** |
| | Administratiw çykdajylar, 7%: | | | | | Türkmenistanyň Hökümeti | 75100 | 6,012 |
| | **Hemmesi, Netije 1, administratiw çykdajylary goşmak bilen:** | | | | | Türkmenistanyň Hökümeti | | **91,904** |
| Netije 3<br>Ylmy-amaly barlaglaryň kuwwatyny güýçlendirmek | 3.1. Hususy bölek-döwlet hyzmatdaşlygynyň mehanizmini durmuşa geçirmek arkaly Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrliginiň işinde ylmy-barlag we innowasion düzüm bölegini güýçlendirmek boýunça teklipler. | | | | | Türkmenistanyň Hökümeti | 71200 Halkara bilermenleri (1 bilermen x 20 gün)* | 12,000* |
| | | | | | | | 71300 Milli bilermenler (1 bilermen x 2 aý) | 2,000 |
| | | | | | | | 71600 Ulag çykdajylary (1 bilermen x 5 gün)* | 2,450* |
| | | | | | | | 71400 Dolandyryş çykdajylary | 10,000 |
| | | | | | | | 72200 Enjamlar we mebel | 2,500 |
| | | | | | | | 72500 Edarada ulanylýan zatlar | 1,500 |
| | | | | | | | 64300, 74500 Amal çykdajylary | 500 |
| | Jemi, Netije 3: | | | | | | | **30,950** |
| | Administratiw çykdajylar, 7%: | | | | | Türkmenistanyň Hökümeti | 75100 | 2,166 |
| | **Hemmesi, Netije 1, administratiw çykdajylary goşmak bilen:** | | | | | | | **33,116** |
| **Jemi Türkmenistanyň Hökümeti** | | | | | | | | **204,911** |
| **Jemi BMG-nyň Ösüş Maksatnamasy** | | | | | | | | **12,000** |
| **Umumy** | | | | | | | | **216,911** |

**01.05.2020 – 30.04.2021 döwri**

| Garaşylýan netijeler | Meýilleşdirilýän çäreler | Möhletler | | | | Meýilleşdirilýän býujet | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| | | 2020ý 2-nji çär | 2020ý 3-nji çär | 2020ý 4-nji çär | 2021ý 1-nji çär | Maliýeleşdiriş çeşmesi | Býujetiň ýazgy beýany | Pul möçberi (ABŞ dollarynda) |
| Netije 1 Söwdanyň institusional we işgärler kuwwatyny pugtalandyrmak | 1.1. Söwda meseleleri boýunça sertifikatlaşdyrylan hünäri ýokarlandyryş okuwyny geçirmek | | | | | Türkmenistanyň Hökümeti | 71200 Halkara bilermen (1 bilermen x 10 gün x 4 okuw = 40 gün)* | 24,000* |
| | | | | | | | 71600 Ulag çykdajylary (5 gün x 1 bilermen x 4 sapar)* | 9,800* |
| | | | | | | | 75700 Treningler, seminarlar (5 gün x 30 adam x 4 okuw – kanselýar harytlar we paýlanýan materiallary çap etmek) | 23,520 |
| | 1.2. Iki taraplaýyn, sebitleýin we köp taraplaýyn derejede söwda-ykdysady hyzmatdaşlygynyň meseleleri boýunça halkara şertnamalaryny baglaşmagyň tejribesini gowulandyrmak boýunça teklipleri işläp taýýarlamak | | | | | Türkmenistanyň Hökümeti | 71200 Halkara bilermen (1 bilermen x 30 gün)* | 18,000* |
| | | | | | | | 71300 Milli bilermenler (1 bilermen x 30 gün) | 3,000 |
| | | | | | | | 71600 Ulag çykdajylary (3 sapar *5 gün x 1 bilermen)* | 7,350* |
| | | | | | | | 71400 Dolandyryş çykdajylary | 11,089 |
| | | | | | | | 64300, 74500 Amal çykdajylary | 1,000 |
| | Jemi, Netije 1: | | | | | Türkmenistanyň Hökümeti | | **97,759** |
| | Administratiw çykdajylar, 7%: | | | | | Türkmenistanyň Hökümeti | 75100 | 6,843 |
| | **Hemmesi, Netije 1, administratiw çykdajylary goşmak bilen:** | | | | | Türkmenistanyň Hökümeti | | **104,602** |

| | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Netije 2. Daşary söwda syýasatyny işläp taýýarlamak we durmuşa geçirmek boýunça kuwwaty güýçlendirmek | 2.1. Haryt nyşanlaryny bellige almak tejribesini ornaşdyrylyşyna syn bermek we olar boýunça teklipleri taýýarlamak | | | | | BMG | 71200 Halkara bilermenler (1 bilermen x 20 gün)* | 12,000* |
| | | | | | | Türkmenistanyň Hökümeti | 71300 Milli bilermenler (1 bilermen x 3 aý) | 3,000 |
| | | | | | | | 71600 Ulag çykdajylary (2 sapar*5 gün x 1 bilermen)* | 4,900* |
| | 2.2. Daşary ýurtlardaky söwda öýleriniň iş ýüzünde peýda berijiligini ýokarlandyrmak boýunça maslahatlar | | | | | Türkmenistanyň Hökümeti | 71200 Halkara bilermenler (1 bilermen x 20 gün)* | 12,000* |
| | | | | | | | 71300 Milli bilermenler (2 bilermen x 2 aý) | 4,000 |
| | | | | | | | 71600 Ulag çykdajylary (2 sapar*1 bilermen x 5 gün)* | 4,900* |
| | | | | | | | 71400 Dolandyryş çykdajylary | 10,000 |
| | | | | | | | 64300, 74500 Amal çykdajylary | 1,000 |
| | | | | | | Türkmenistanyň Hökümeti | 72400 Aragatnaşyk we internet | 2,952 |
| | Jemi, Netije 2: | | | | | Türkmenistanyň Hökümeti | | 54,752 |
| | Jemi Türkmenistanyň Hökümeti | | | | | Türkmenistanyň Hökümeti | 75100 | 42,752 |
| | Jemi BMG-nyň Ösüş Maksatnamasy | | | | | Türkmenistanyň Hökümeti | | 12,000 |
| | Administratiw çykdajylar, 7%: | | | | | | | 2,993 |
| | **Umumy, Netije 2 , administratiw çykdajylary goşmak bilen:** | | | | | | | **57,745** |
| Netije 3 | 3.1. Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi bilen daşary | | | | | Türkmenistanyň Hökümeti | 71200 Halkara bilermenler (1 bilermen x 20 gün)* | 12,000* |
| | | | | | | | 71300 Milli bilermenler (1 bilermen x 3 aý) | 3,000 |

| | | | | | | | | |
|---|---|---|---|---|---|---|---|---|
| Ylmy-amaly barlaglaryň kuwwatyny güýçlendirmek | ýurtlaryň ylmy-barlag we bilermenler guramalarynyň arasynda hyzmatdaşlyk hakynda şertnamalary baglaşmak boýunça teklipleri taýýarlamak | | | | | | 71600 Ulag çykdajylary (2 sapar* 1 bilermen x 5 gün)* | 4,900* |
| | | | | | | | 71400 Dolandyryş çykdajylary | 10,000 |
| | 3.2. Halkara logistika ulgamyny kämilleşdirmek we Türkmenistanyň söwda ulgamyna innowasion dolandyrylyşyny ornaşdyrmak boýunça teklipleri işläp taýýarlamak | | | | | Türkmenistanyň Hökümeti | 71200 Halkara bilermenleri (2 bilermen x 20 gün)* | 24,000* |
| | | | | | | | 71300 Milli bilermenler (2 bilermen x 4 aý) | 8,000 |
| | | | | | | | 71600 Ulag çykdajylary (2 bilermen x 5 gün x 3 sapar)* | 14,700* |
| | | | | | | | 72400 Aragatnaşyk we internet | 4,000 |
| | | | | | | | 72500 Edarada ulanylýan zatlar | 1,500 |
| | | | | | | | 64300, 74500 Amal çykdajylary | 1,000 |
| | Jemi, Netije 3: | | | | | Türkmenistanyň Hökümeti | | **83,100** |
| | Administratiw çykdajylar, 7%: | | | | | Türkmenistanyň Hökümeti | 75100 | 5,817 |
| | **Hemmesi, Netije 3, administratiw çykdajylary goşmak bilen:** | | | | | | | **88,917** |
| **Jemi Türkmenistanyň Hökümeti** | | | | | | | | **239,264** |
| **Jemi BMG-nyň Ösüş Maksatnamasy** | | | | | | | | **12,000** |
| **Umumy** | | | | | | | | **251,264** |

**Şu býujet ugurlarynda görkezilen çykdajylar ABŞ-nyň dollarynda Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasynyň walýuta hasabyna geçiriler.*

## VIII. HUKUK KONTEKSTI WE TÖWEKGELÇILIKLERI DOLANDYRMAK

Şu taslama resminamasy, Türkmenistanyň Hökümeti bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasynyň arasynda 1993-nji ýylyň 5-nji oktýabrynda gol çekilen Kömek bermek hakynda standart binýatlyk ylalaşygyň 1-nji maddasynda görkezilişi ýaly, gural bolmalydyr. Binýatlyk ylalaşykdaky „Ýerine ýetiriji agentlige" salgylanmalaryň ählisi „Durmuşa geçirmek boýunça hyzmatdaşa" salgylanmalar hasap ediler.

Şu taslama Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi, ýagny „Durmuşa geçirmek boýunça hyzmatdaş" tarapyndan onuň maliýe ýagdaýyna, kadalaryna, usullaryna we düzgün-tertibine laýyklykda, diňe olaryň Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasynyň Maliýe düzgünleriniň we kadalarynyň ýörelgelerine garşy gelmeýän ýagdaýynda amala aşyrylar. Durmuşa geçirmek boýunça hyzmatdaşyň maliýe dolandyryşynyň bahalaryň amatly gatnaşygyny, adalatlylygy, ak ýürekliligi, aýdyňlygy we netijeli halkara bäsleşigini üpjün etmek üçin talap edilýän gollanmany bermeýän ýagdaýynda Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasynyň maliýe dolandyryşyny ulanmaly bolar.

**Töwekgelçilikleri dolandyrmagyň standartlary**

1. Binýatlyk ylalaşygyň 3-nji maddasyna laýyklykda, Durmuşa geçirmek boýunça hyzmatdaşyň, onuň işgärleriniň we emläginiň, şeýle hem Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasynyň ygtyýaryndaky emläginiň goralmagy we howpsuzlygy üçin jogapkärçilik Durmuşa geçirmek boýunça hyzmatdaşyň üstüne düşýär. Şunuň bilen baglylykda, Durmuşa geçirmek boýunça hyzmatdaş şulara borçlydyr:

a) taslamanyň ýerine ýetirilýän ýurdunda howpsuzlyk boýunça ýagdaýy nazara almak bilen, howpsuzlyk boýunça degişli meýilnamany işläp taýýarlamak we berjaý etmek;

b) Durmuşa geçirmek boýunça hyzmatdaşyň howpsuzlygy boýunça ähli töwekgelçilikleri we borçlary öz üstüne almak we howpsuzlyk boýunça meýilnamany doly amala aşyrmak.

2. BMGÖM şunuň ýaly meýilnamanyň bardygyny barlamak we zerur bolan ýagdaýynda meýilnama üýtgetme girizmegi teklip etmek hukugyny özünde saklaýar. Şu ýerde göz öňünde tutulan talaplara laýyklykda, howpsuzlygy üpjün etmegiň degişli meýilnamasynyň bolmazlygyna ýa-da onuň ýerine ýetirilmezligine şu Taslama Resminamasynyň çäklerinde Durmuşa geçirmek boýunça hyzmatdaşyň borçlarynyň bozulmagy hökmünde serediler.

3. Durmuşa geçirmek boýunça hyzmatdaş Taslama Resminamasyna laýyklykda alynýan serişdeleriň hiç bir böleginiň terrorçylyk bilen baglanyşykly aýry-aýry adamlary ýa-da guramalary goldamak üçin peýdalanylmajakdygyny we şu ylalaşyk boýunça BMGÖM tarapyndan berilýän islendik pul möçberini alýanlaryň Howpsuzlyk Geňeşiniň 1267 (1999) belgili rezolýusiýa laýyklykda döredilen Komitetiniň sanawyna goşulmandygyny kepillendirmek üçin oýlanyşykly ähli tagallalary etmäge ylalaşýar. Görkezilen sanawy şu salgyda tapyp bolar: http://www.un.org/sc/committees/1267/aq_sanctions_list.shtml. Bu düzgün şu Taslama Resminamasy boýunça baglaşylýan ähli kömekçi potratçylyk şertnamalaryna ýa-da ylalaşyklaryna goşulmalydyr.

4. Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasynyň Maksatnama we Amal Ýörelgelerine we Düzgünlerine laýyklykda, durmuş we ekologiýa durnuklylygy Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasynyň Durmuş we ekologiýa standartlaryny (http://www.undp.org/ses) we degişli Hasabata degişlilik mehanizmini (http://www.undp.org/secu-srm) ulanmak ýoly bilen gowulandyrylyp bilner.

5. Durmuşa geçirmek boýunça hyzmatdaş şulary ýerine ýetirmelidir: (a) taslamanyň we maksatnamanyň çäklerindäki çäreleri Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasynyň Durmuş we ekologiýa standartlaryna laýyklykda ýerine ýetirmeli, (b) şu standartlary berjaý etmek maksady bilen, taslama we maksatnama üçin taýýarlanan töwekgelçilikleri dolandyrmak we olaryň netijelerini ýeňilleşdirmek meýilnamasyny amala aşyrmaly we (ç) ähli meselelere we Hasabata degişlilik mehanizminiň üstünden gelip gowşan şikaýatlara konstruktiw we öz wagtynda seretmeli we çözmeli. BMGÖM ähli bileleşikler we taslamanyň beýlekiy gyzyklanýan taraplarynyň Hasabata degişlilik mehanizmi barada maglumatlary almaklary üçin şert döretmäge we maglumatlary olar üçin elýeter etmäge çalşar.

6. Taslama Resminamasyna gol çeken ähli taraplar maksatnamanyň ýa-da taslamanyň çäklerinde ol ýa-da beýleki borçnamalaryň ýerine ýetirilişine baha bermek ýa-da Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasynyň Durmuş we ekologiýa standartlarynyň berjaý edilişine baha bermek boýunça islendik çäreler amala aşyrylanda ak ýürekden hyzmatdaşlyk etmelidirler. Bu taslamanyň amala aşyrylýan ýerleriniň elýeter bolmagyny, şeýle hem degişli işgärleriň, maglumatlaryň we resminamalaryň elýeter bolmagyny öz içine alýar.

## IX. AÝRATYN DÜZGÜNLER

1. Türkmenistanyň Hökümeti bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasynyň arasynda 2016-njy ýylyň 22-nji iýunynda baglaşylan Bilelikde maliýeleşdirmek hakynda ylalaşygyň düzgünlerine laýyklykda, Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi şu resminamany durmuşa geçirmek üçin 444175 (Dört ýüz kyrk dört müň bir ýüz ýetmiş bäş) amerikan dollary möçberinde gatanç berer, bu pul möçberi aşakdaky şertlere laýyklykda Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasynyň hasabyna geçiriler.

2. Ministrlik, tölegleriň aşakda görkezilen tertibine laýyklykda, manat ekwiwalentinde *250871 (iki ýüz elli müň sekiz ýüz ýetmiş bir) amerikan dollary möçberindäki Gatanjy* Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasynyň Türkmenistandaky wekilhanasynyň Türkmen-türk täjirçilik bankyndaky manat hasabyna geçirer, hasaplaşyk hasaby 23203934273168502583000:

| Tölegleriň tertibi | Pul möçberi |
|---|---|
| 15.05.2019 | 114321 ABŞ dollary |
| 15.05.2020 | 136550 ABŞ dollary |

3. Ministrlik, tölegleriň aşakda görkezilen tertibine laýyklykda, dollar ekwiwalentinde *193304 (bir ýüz togsan üç müň üç ýüz dört) amerikan dollary möçberindäki Gatanjy* Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasynyň Türkmenistandaky wekilhanasynyň Türkmen-türk täjirçilik bankyndaky walýuta hasabyna geçirer, hasaplaşyk hasaby 23203840273168400274000:

| Tölegleriň tertibi | Pul möçberi |
|---|---|
| 15.05.2019 | 90590 ABŞ dollary |
| 15.05.2020 | 102714 ABŞ dollary |

4. ABŞ-nyň dollaryndan başga pulda geçirilen ýagdaýynda Gatanjyň gymmaty BMG-nyň geçirilen serişdeleriň kabul edilen senesindäki çalşyk hümmetini[1] peýdalanmak ýoly bilen kesgitlenmelidir. BMGÖM tarapyndan Gatanç doly özleşdirilmezden BMG-nyň salşyk hümmeti üýtgän mahalynda galan serişdeleriň gymmatyna, degişlilikde, gaýtadan baha berler. Şunuň ýaly ýagdaýda galan serişdeleriň balansynda ýitginiň bolandygy kesgitlense, BMGÖM Hökümet tarapyndan goşmaça maliýeleşdirmek mümkinçiligi barada Hökümete habar berýär. Goşmaça maliýeleşdirmegiň mümkin bolmadyk ýagdaýynda, şu Ylalaşygyň çäklerinde Hereketler Meýilnamasyna goldaw bermek BMGÖM tarapyndan kemeldilip, soňa goýlup ýa-da bes edilip bilner.

5. Tölegleriň ýokarda getirilen tertibi Gatanjyň meýilleşdirilen çäreler geçirilip başlanmazyndan öň amala aşyrylmalydygy baradaky talaby hasaba almak bilen düzüldi. Bu tertibe taslamany durmuşa geçirmegiň barşyna laýyklykda üýtgetmeler girizilip bilner.

6. BMGÖM taslamany durmuşa geçirmegiň maksatlaryna gönükdirilen Gatanjy özüniň hereket edýän kadalaryna, düzgünlerine, syýasatyna, Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasynyň düzgün-tertibine we direktiwalaryna, hususan-da, Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasynyň Ýerine ýetiriji geňeşi tarapyndan neşir edilen Maliýe kadalaryna laýyklykda alýar, dolandyrýar we peýdalanýar.

7. BMGÖM çäreleriň durmuşa geçirilişi we taslamanyň maliýe serişdeleriniň peýdalanyşy baradaky hasabaty, 2016-njy ýylyň 22-nji iýunynda gol çekilen, Bilelikde maliýeleşdirmek hakynda ylalaşygyň 4-nji maddasyna laýyklykda, Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligine bermäge borçlanýar. Ähli maliýe hasaplary we hasabatlar ABŞ-nyň dollarynda görkezilmelidir.

8. Eger çykdajylaryň ýa-da borçnamalaryň garaşylmadyk ýerden (hümmetsizlenme ýagdaýlarynyň, puluň hümmetiniň üýtgemeginiň ýa-da öňünden görülmedik ýagdaýlaryň netijesinde) ýokarlanmagyna garaşylýan ýa-da şeýle ýagdaý bolup geçen bolsa, onda BMGÖM zerur bolan geljekki maliýeleşdirmegi beýan edýän goşmaça çykdajy sanawyny öz wagtynda Hökümete bermelidir. Hökümet talap edilýän goşmaça serişdeleriň alynmagy üçin mümkin bolan ähli çäreleri görmelidir.

9. Eger ýokarda görkezilen tölegler tölegleriň tertibine laýyklykda alynmadyk we taslamany durmuşa geçirmegiň barşynda goşmaça möhletde Hökümet ýa-da beýleki çeşmeler tarapyndan gelip gowuşmaýan bolsa, onda BMGÖM şu Ylalaşygyň çäklerinde taslama üçin berilýän kömegi azaldyp, togtadyp ýa-da bes edip biler.

[1] BMG-nyň Türkmenistan boýunça çalşyk hümmeti Türkmenistanyň Merkezi bankynyň resmi çalşyk hümmetiniň esasynda kesgitlenýär.

10. Gatanja degişli göterimlerden gelip gowuşýan girdejileriň ählisi Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasynyň hasabyna geçirilmelidir we Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasynyň bellenen düzgün-tertibine laýyklykda peýdalanylmalydyr.

Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasynyň Ýerine ýetiriji geňeşiniň çözgütlerine we direktiwalaryna laýyklykda:

Gatanja şu harajatlar degişli edilmelidir:

(a) Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasynyň ştab-kwartirasy we ýurtdaky edarasy tarapyndan umumy dolandyryş goldawynyň berilmegi bilen bagly gytaklaýyn harajatlaryň öwezini dolmak üçin 7%

(b) BMGÖM we durmuşa geçirmek boýunça hyzmatdaş tarapyndan berilýän, amala aşyrmak boýunça hyzmatlar üçin göni harajatlar.

11. Gatanç serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirilen enjamlara, materiallara we gaýry emläge bolan eýeçilik hukugy BMGÖM-na berilýär. Eýeçilik hukugyny BMGÖM-dan başga tarapa bermäge degişli meseleler Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasynyň kadalaryna we düzgün-tertibine laýyklykda çözülmelidir.